# Çyna berimsiz ýalan

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çyna berimsiz ýalan ÇYNA BERIMSIZ ÝALAN




1961-nji ýylda öňki Sowet Soýuzy döwleti (Türkmenistan hem şonuň içindedi) Kosmosa adam uçurdy. Bu habar bütin dünýäni haýrana goýdy. Sowet Soýuzy toý toýlady.
Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna bolsa bu habar taýak bolup degdi. Sebäbi olar ömür Sowet döwleti bilen ýaşaýyşda her bir ösüş ugruda, esasan-da harby ugurdan Sowet döwleti bilen bäsleşýärdiler. Şondan az wagtlar geçensoň olar hem Kosmosa ýol açdylar. Emma Sowetler bu ugurdan öňdeligi bermeýärdiler. Amerikanlar bolsa her edip, hesip edip Sowet Soýuzyndan öňe geçmeli diýen pikir-alada bilen ýaşaýardylar, diýip eşidýärdik hem şeýle-de düşünýärdik.
1969-njy ýylda bolsa garaşylmadyk waka dünýäni ýene-de haýrana goýdy oturyberdi. Amerikanlar iki sany adamy uçurup Aýa gondurdy diýen habar dünýäni aňk etdi. Amerika toý tutdy. Aýyň üstünde Amerikanyň baýdagy dikildi, indi Aýa ýol açyldy diýdiler. Amerika Aýa uçuşlygy hasam kämilleşdirer diýip pikir edildi. Emma bu beýle bolmady.
Şo boldy, şo boldy, Aýa adam uçurylmady. Sowet Soýuzy-da, Amerika-da şondan soňam kosmosa kän gezek adam uçursalaram, adamy Aýa golaý aralaşdyryp bilmediler. Bir gezek gidip gelnen bolsa ýene-de gidiläýjek ýalydy. Aslynda hakykatdan-da Aýa

aýak basyldymyka?! Soň-soň bu ullakan syr bolup, amerikanlaryň Aýa uçuşlaryna ynamsyzlyklar gitdigiçe köpelip başlady.
Resmi ýagdaýda aýdylmasa-da, özara gürrüňçiliklerde Aýa uçuşlygy amerikanlar ýerde gurnap, ýerde surata düşürip soň edil hakykatdan-da Aýyň üstünde ýaly edip telewizorda görkezipdirler diýýärler. Ýöne munyň nähili gurnalandygy, 2022-nji ýylda bolsa gerek, bir gezek Russiýanyň RenTW teleýaýlymynda giňişleýin hem aýdyň edip görkezildi. Öňki rus syýasatçylarynyň biri W.Žirinowskiý öz çykyşlarynyň birinde bu ýalançylyklary barada ABŞ-ny paş edenini telewizorda gördük. Şeýlebir geň-taň edilip gurnalan bu sahna oýnuny teleýaýlymda görüp haýranlar galdyk. Beýle-de bir çyna berimsiz ýalan bor eken-ow!
1867-nji ýylda Russiýa Alýaska ýarym adasyny Amerika 7,2 million dollara satypdyr. Bilermenler muny dünýäde iň arzan söwda hasaplaýarlar. Şeýle bolsa, 1969-nji ýyldaky amerikanlaryň Aýa uçuşlygynyň aldawy hem dünýäde iň uly ýalan diýip hasap edip bolar.
Geldimyrat SEÝIDOW. Geň-taňsy wakalar